# Aýlanaýyn

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Aýlanaýyn AÝLANAÝYN

Göçüp-gonsam bu ak-gara eýýämde,
Maňa iki gat jaý guruň diýýärler.
Men amatly pursat duşdugy gezýän,
Aýlanýan Afrika, Fransiýa, Aziýa.
Nýu-Ýork diňleýär goşgymy, sözüm,
Halapda açýaryn araplaň gözün.
Aýlanýan…
Dolanýan jübde zat galman.
Teňe tapyldygy, ýene atlanýan!
Soňky teňňäm
soňky deňiz ýoluna!
Bu kartanyň
bogazy dag, goluna!
Jaýlapdyrlar bizi
Aýagymyzy
Jüp goýup, uzadyp günbatar sary.
Milliard-milliard mazar bolanlaň bary,
Sary mongol sährasynda sährasynda ýatara
Ýer tapanlaň aýagy günbatara.
Sebäp diýseň, nogaý, gazak, naýmanlar…
Hem beýleki bu dessura uýýanlar,
Aziýaň Günbatardan günbatarrakda
Ýerleşýänin duýmanlar.
Ýenedänin söz uzatsak bu hakda
Günbatar
Ol Hytaý deňzinden gündogarrakda,
A bizi
Aýagymyzy
Jaýlapdyrlar günbatara uzadyp!..
Güwwüldeýär soňky deňiz arkada,
Aýlan Ýerim, aýlanaýyn arkadag!

Men saňa düşünýän her kesden beter.
Maňa –
Saňa geljek howp hem hatar.
Göçüp-gonuň görjek bolýan men seniň
Dertlerinden aýňalanyň.
Ýollaryňdan aýlanaýyn…

Olžas SÜLEÝMENOW,
(Gazagystan).

Terjime eden: Ahmet GURBANNEPESOW. Goşgular